Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 1-nji iýulynda çykaran 86-iş belgili

**B U Ý R U G Y**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 33-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan, Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä üýtgetme girizmek hakynda**

"Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 33-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan "Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini" kämilleşdirmek maksady bilen **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2020-nji ýylyň 31-nji martynda 1 310 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 33-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijiniň ýigrimi sekizinji böleginiň birinji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

"Iş rugsatnamasynyň möhletini uzaltmak üçin Ministrlige iş beriji tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 11-nji goşundy), özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 12-nji goşundy) laýyklykda doldurylan ýüztutma bilen ilki berlen iş rugsatnamanyň möhletiniň tamamlanmagyndan öň şu Gözükdirijiniň ýedinji böleginiň 1-nji, 4-nji, 5-nji, 6-njy we 7-nji bentlerinde görkezilen resminamalar bilen ýüzlenilýär.".

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**"Ylalaşyldy"**
**Aşgabat şäheriniň häkimi**
**___________ R.Gandymow**
**(goly)**
"____" ____________ ______

**"Ylalaşyldy"**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministri**
**___________ M.Hydyrow**
**(goly)**
"____" ____________ ______

**“Ylalaşyldy”**
**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri**
**___________ A.Geldiýew**
**(goly)**

**“____” _____________ _______**

**“Ylalaşyldy”**
**Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri**
**___________ M.Astanagulow**
**(goly)**

**“____” _____________ _______**

**“Ylalaşyldy”**
**Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy**
**___________ A.Sazakow**
**(goly)**

**“____” _____________ _______**

**“Ylalaşyldy”**
**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri**
**___________ M.Mämmedow**
**(goly)**

**“____” _____________ _______**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2025-nji ýylyň 18-nji iýulynda 1887 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.